# Güýçmi ýa girdeji? Eýran Russiýanyñ Ukraina urşuna nämüçin ýardam edýär?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Güýçmi ýa girdeji? Eýran Russiýanyñ Ukraina urşuna nämüçin ýardam edýär? GÜÝÇMI ÝA GIRDEJI? EÝRAN RUSSIÝANYÑ UKRAINA URŞUNA NÄMÜÇIN ÝARDAM EDÝÄR?




*Ukraina ele salynan eýran dronlarynyñ uruş başlandan soñ Russiýa berilen bolmagynyñ mümkindigini aýdýar.*
*Ukrainaly ýangyn söndürijiler geçen aýky dron hüjüminiñ yzyndan kiýewlileriñ dadyna ýetişýär.* ***(Reuters)***
Russiýanyñ Ukraina garşy ulanandygy aýdylýan eýran ýaraglary Kiýewiñ uruş gidýän zolagynda ele salynan dronlaryñ Günbatarda öndürilen şaýlaryna degişli jikme-jiklikleri mälim etmeginiñ yzysüre täzeden üns merkezine alyndy.
Ukrainanyñ Goranmak ministrligi rus güýçleriniñ Gündogar Ýewropanyñ asmanynda ulanýan Eýranda öndürilen «Mohajer-6» dronynyñ Moskwanyñ çozuşa başlan fewral aýynda öndürilendigini görkezýän ýazgyly senäniñ bardygyny we munuñ Tähranyñ ýaraglary uruş başlamanka satandygy baradaky beýanaty bilen çapraz düşýändigini mälim etdi.
Kiýew dronlarda ABŞ-da, Awstriýada, Ýaponiýada öndürilen şaýlaryñ ulanylandygyny aýdýar, Kanada bolsa Eýrana satan motorlarynyñ dronlarda ulanylan bolmagynyñ mümkindigini boýun

aldy.
Goranmak ministrligi «ukrainaly hünärmenler daşary ýurt şaýlarynyñ eýran dronlaryna nädip aralaşandygyny öwrenip ýör» diýdi.
Seriýa belgileri we şaýlara degişli maglumatlar partner ýurtlara bireýýäm berildi.
Russiýanyñ Ukraina garşy dokuz aýlap alyp barýan uruşy Moskwa bilen Tährany biri-birine öte ýakynlaşdyrdy.
Käbir ygtyýarlylar Eýranyñ Russiýa barha azalýan ýarag arsenalynyñ ýerini dolduryp, ukrain obýektlerine hüjüm etmek üçin ulanyp boljak ballistik raketalary bermäge taýýarlanýandygyny öñe sürýär. «Sky News»-yñ adyny bermek islemedik çeşmä salgylanyp berýän habarynda Moskwanyñ söweşjeñ dronlar üçin 140 million ýewro barabar nagt pul töländigi we salynan britan hem-de amerikan ýaraglaryny berendigi öñe sürüldi. Eýran hökümetine ýakyn habarlar saýty muny inkär etdi.
Köpçüligiñ dykgatyna ýetirilen beýanatlarda we habarlarda mälim edilişi ýaly, çarşenbe güni Russiýanyñ howpsuzlyk boýunça döwlet geñeşçisi Nikolaý Patruşew eýranly kärdeşi Ali Şemhani bilen duşuşyp, göze görnüp duran bilelikdäki ykdysady maksatnamalardan, Günbatar sanskiýalarybdan gaça durmak we Ukrainadaky uruş boýunça gepleşik geçirdi.
Şemhani «Eýran Russiýanyñ we Ukrainanyñ arasynda ýaragly çaknyşygy bes edip we ýaraşyga getirip biljek dialoga esaslanýan islendik inisiatiwany goldaýar» diýdi.
Eýran birnäçe aýlap Russiýa dron satandygyny inkär edenem bolsa, ýaraglaryñ 24-nji fewralda uruş başlamanka berilendigini mälim edipdi.



*Ukrainanyň Goranmak ministrligi goşunlarynyň ele salan «Mohajer-6» eýran dronyny we beýleki ýaragly uçarmansyz istrebitelledliniň fotusuratyny çap etdi.* ***(Ukrainanyň Goranmak ministrligi)***

Russiýa Eýrandan alan dronlaryny Ukrainanyň senagat infrastrukturasyna zyýan bermek we raýatlary gorkuzmak üçin ulanýar.

Dronlar söweş meýdanynda aýgytlaýjy rol oýnamasa-da, ýurduň çäkli sandaky howa goranyş serişdeleri arkaly goralmagy mümkin däl aňsat obýektlere hüjým edip, Kiýewiň ätiýaçlyk gorlarynyň ýoguna ýanýar. Birleşen Korollyk (Britaniýa) we Ýewropa bileleşigi geçen aý kamikadze dronlarynyň Ukrainada arasynda ýaşaýyş jaýlarynyňam bolan raýat obýektleriniň urulmagynyň yzysüre Eýrana sanksiýa bermäge başlapdy. Eýran boýunça spesialistleşen ukrainaly žurnalistka Anna Raýskaýa «bulary elektrik beketlerine garşy ulanyp, Ukrainanyň dürli ýerlerinde elektrik liniýalarynyň kesilmegine sebäp bolýarlar» diýdi.

Günde on sagatdan gowrak wagt elektrik liniýalary işlemese, Kiýew ýaly uly şäherlere ýetirýän täsiri uly bolýar.

Tähranyň ukrain urşuna goşulmagy Eýranyň mundan öň görlüp-eşdilmedik içerki gapma-garşylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolan döwründe Tährany Kiýewiň we ýurdy goranyşyny goldaýan günbatarly ýurtlaryň ýaranlygynyň radaryna sokdy. Mahsa Emini atly ýaş gyzyň köçäniň orra-ortasynda «ahlak polisiýasy» tarapyndan saklanmagy bilen başlap, ýurt derejesinde ýedi hepdeläp dowam edip gelýän protest demonstrasiýalarynda azyndan 328 adam howpsuzlyk güýçleri elinden wepat boldy, eýran ykdysadyýeti agyr şikes aldy we Günbatar bilen gatnaşyklar hasam ýaramazlaşdy.

Russiýa satylan ýaraglaram ýurduň içinde gazaply ýazgarmalara sebäp boldy. Belli gazetleriň biri, belli din adamlaryň biri we Moskwada ilçi bolan öňki eýranly diplomatlaryň biri ýarag satuwyny derňäp, hökümeti Tähranyň bähbitlerine çapraz hereket etmekde aýyplady.

Şeýle-de, «Jumhur-i Islami» gazetiniň baş redaktory Mesih Muhajiri «Bar zadyňyzy orta goýup, Russiýanyň tarapyna geçmeli diýen zat ýok» diýip ýazdy.

ABŞ-nyň we Britaniýanyň ygtyýarlylary Moskwanyň eýran dronlaryny satyn almagynyň Eýranyň ýarag senagatyna çäklendirmeler getiren BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşiniň kararlaryny bozup biljekdigini öňe sürýär.
Eýranly diplomatlar Russiýa satylan ýaraglar babatda ätiýaçly çemeleşýänem bolsa, Eýranyň Rewolýusion gwardiýasyna garaşly mediýa organlary iş şertnamalarynyň režimiň kassasyny doldurýandygyna yşarat edip, şeýle ýarag söwdasynyň edilýändigine buýsanýar. Režime ýakyn beýleki eýranly şahslar Tähranyň başga çykalgasynyň ýokdugyny aýdýar.
Wagtal-wagtal hökümetde geňeşçi bolup işlän eýranly akademik Diako Hüseýni ýazan bir twitinde «Eýran bilen Russiýanyň arasyndaky ýakyn gatnaşygyň sebäbi Tähranyň Moskwa bolan aşa söýgüsi däl» diýip ýazdy.
Hakyky sebäp Eýrana Russiýadyr Hytaýa ýakynlaşmakdan başga ýol-çykalga goýmadyk ABŞ-nyň üznüksiz syýasy we ykdysady basyşlary.
Raýskaýa baş lider Ali Hamaneý bilen bile eýran liderleriniň Ukrainada ulanyljagyny bilip duranam bolsa, Russiýa ýarag satmaga höwesjeň ýapyşmagynyň aňyrsynda girdejiden has beter güýjüň ýatandygyny öňe sürdi. Eýranyň Kiýew bilen paýlaşyp bilmeýän zady ýogam bolsa, Tähran az sanly hyzmatdaşlaryndan biri bolan Russiýanyň uruşda ýeňilmegine ýa-da Putiniň şowsuzlyga uçramagyna göz ýumup bilmejegi netijesine gelen bolmagy mümkin.
Raýskaýa «Hamaneý we ýokary wezipeli ygtyýarlylar şeýle çözgüde gelende Ukraina ýa-da başga ýer bolmagynyň tapawudynyň ýokdugyna düşünýärdiler» diýdi.
Günbatara garşy başga ugurda söweşýärler. Munuň pul bilen baglanyşykly ýeri ýok, megerem, güýjüňi görkezmek bilen baglanşykly bolsa gerek. Ýa bolmasa, belki-de, diňe Russiýa sorady, Eýranam ýok diýip bilmedi.



*Dronlar goranyş serişdeleri arkaly goralmagy mümkin däl añsat obýektlere hüjüm edip, Kiýewiñ ätiýaçlyk gorlarynyñ ýoguna ýanýar.* ***(AP)***

Eýrandaky syýasy durnuksyzlyk we Waşington bilen Tähranyñ arasyndaky düşünişmezlikler Eýranyñ ýadro maksatnamasyny çäklendirmegi maksat edinýän gepleşikleri togtatdy. Russiýa ýadro maksatnamasyna çäklendirmeleriñ girizilmegi bilen Eýrana berilen sanksiýalaryñ ýatyrylmagyny teklip edýän 2015-nji ýyldaky mundan soñ çalajan ýadro maksatnamasynyñ tarapdarlarynyñ biri. Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putin Eýranyñ ýadro maksatnamasyny ösdürmegine ýol bermegiñ mundan beýläk Moskwanyñ bähbidine boljakdygyny göz öñüne tutan bolmagy mümkin.




«Blowing up Ukraine: The Return of Russian Terror» («Ukrainany howa uçurmak: Rus terrorynyñ gaýdyp gelmegi») adlı kitabyñ awtory yazarı Ýuriý Felştinskiý «Putin Günbatar dünýäsini durnuksyzlaşdyrmaga dyrjaşýar» diýdi.

Muny etmegiñ iñ gowy ýa-da iñ añsat ýolu-da eýranlylara bomba öndürmekleri üçin kömek etmek ýa-da olaryñ eline bomba bermek.

Borzu DARAGAHI,

halkara korrespondent / @borzou

Penşenbe 24.11 2022 ý.

https://www.independent.co.uk/news

© The Independent Publisistika